# Telefonda gürleşmegiñ edebi.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

21-nji asyryñ getiren tehniki önümlerinden, durmuşymyzyñ içinde aýrylmaz oruny eýelän gural hem telefondyr. Musulman kişi bu hili zatlary halal we peýdaly ýolda, edebine laýyk ullanmalydyr. Her bir zadyñ iki tarapy boluşy ýaly, telefon hem şeýledir. Eger halal we peýdaly zatlar üçin ullansak biz üçin sogap gazanmagymyza sebäp bolar. Emma haram zatlar üçin ullansak, bize günä gazandyrar. Halal zatlar üçin ullananymyzda-da edebi bilen ulanmaga çalyşmalydyr.

Bu gysgajyk makalamyzda gündelik durmuşymyzda telefon ulanyjylara peýdaly boljak 10-sany jañlaşmaga degişli edebi ýazdyk. Jemgyýetimize peýdaly bolar diýip umyt edýäris.

1- Ýalñyşyp başga birilerini bimaza etmezlik üçin, jañ etmezden öñ jañ etjek belgiñiziñ dogrulygyny barlamaly!

2- Jañ etjek wagtyña üns bermeli! Jañ etjek kişiñiziñ işli wagty bolup biler, namaz wagty bolup biler, giç ýa-da gaty ir bolup biler!

3- Jañ edenimizde, jañ eden kişimizden gürleşip bilýärmiñ, wagtyñ barmy diýip soramaly. Belki işli, myhmanly ýa-da ýolda bolup biler. Eger işli bolsa, gürrüñi gaty uzaltmaly däl!

4- Eger zenan telefonda özüne nämährem erkek bilen ýa-da erkek özüne nämährem zenan bilen gürleşmeli bolsa, ýumşak, näzli, özüne çekiji gürlemeli däl we gereksiz ýere gepi uzaltmaly däl! Bu barada hususanam zenanlara Kuran-Kerimde, Ahzab süresiniñ 32-nji aýatynda ýörite tabşyryk bardyr.

5- Jañ eden kişi ilki bilen salam bermeli, çünki ol gelen kişi ýalydyr. Salamyñ edebinde salamy, gelen kişi bermelidir!

6- Telefona jogap beren kişi, telefony alanda salam bilen başlamaly, çünki iki sany duşuşan kişiniñ iñ sogaplysy ilkinji salam berendir. Ýa-da öz dilimizde How, Howwa diýip, telefona jogap berilmeli. Hususanam ALO ýa-da DA diýip başga halklaryñ sözüni ullanmajak bolmaly. Öz dilimiz barka, öz aramyzda näme üçin başga halklaryñ dilini ýa-da sözlerini ullanalyñ?

7- Rugsat almazdan başga biriniñ telefonyny ullanmaly däl!

8- Eýesiniñ rugsadyny almazdan biriniñ telefon belgisini başga birine bermeli däl! Telefon belgi hem edil başga amanat zatlar ýaly amanatdyr. Amanady eýesinden soraman hiç kimiñ ullanmaga haky ýok!

9- Telefonda gürleşilen zatlary iki tarapyñ rugsady bolmazdan, olardan habarsyz ses ýazgysyna geçirmeli däl. Çünki bu haýynlygyñ, syr açmagyñ we gep diñlemegiñ bir görnüşi bolup, bularyñ hemmesi haramdyr!

10- Telefony başgalaryny rahatsyz, bimaza etmek üçin ýa-da başga haram zatlar üçin ullanmaly däl. Halal we peýdaly zatlar üçin ullanmaly!

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.